# Datly şekerim

Category: Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Datly şekerim DATLY ŞEKERIM

Seniñ gözelligñe baha biçilmez,
Gyşymy ýaz eden datly şekerim.
Ne diýsem az geler, sözlem seçilmez,
Ýürekde ýer açan batly şekerim.

Inçejik barmaklar inçejik bilek,
Ýaňaklar şetdaly dodaklar ýelek,
Ýatsam-tursam edýän Taňrydan dileg,
Saňa duşuşaýyn şatly şekerim.

Gel, ýürek töründe tozany kakyş,
Aklymda galandyr soňky bir bakyş,
Şol bakyşyň urdy ýürekde nagyş,
Ýüregimi ýakan otly şekerim.

Şekerim, şekerim, datly şekerim,
Seniň üçin her bir jebri çekerin,
Ýarym bolaý diýip, dyza çökerin,
Söýgini ezberlän ýatly şekerim.

Danýal GYZYLJAÝY,
Türkmensähra.